# «Ýitirmek» duýgusy

Category: Kitapcy,Psihologiýa
написано kitapcy | 25 января, 2025
"Ýitirmek" duýgusy «ÝİTİRMEK» DUÝGUSY




Aragatnaşygymyz häsiýetimizi açyp görkezer.
Biz bir almanyň iki ýarsy däl, biz bir-biriniň ýanynda duran iki alma!
Aragatnaşyklarda ýygy-ýygdan eşitýän jümläm: «Biz almanyň iki ýarysy ýaly» Gulaga juda romantik eşidilýär, şeyle dälmi? Bu jümle aňymyza şeyle çuň ýerleşipdir welin birini söýsek hökman ikä bölýäris! Sebäbi onuň ýarsy özümizdigimize ynanýarys! Gynansakda bu ýagdaý biziň aňymyza ýerleşen ýalňyşlyklaryň biridir. Iki aýry ynsanyň bölünip bir almanyň parçasy bolmagy mümkin däl! Şu sebäpli iki ynsan aýrylandan soň, aýralyk yzasyna çydap bilmez yaly derejä gelýärler. Sebäbi biziň aňymyz beyleki ýarysyny ýitirenine ynanýar we aýralyk yzasy 2-3 esse köpelýär. «Biz bir almanyň iki ýarysy» pikiri bilen aragatnaşyga başlanlar, aýrylandan soň gynanmakdan beter, özlerini kemelen ýaly duýýarlar. Aragatnaşyk dowam edýän wagtynda-da «Ýitirmek gorkusy» bilen ýaşaýarlar.
«Ýitirmek» duýgusy durmuşa we aragatnaşyklara zyýan ýetirýän ýalan duýgularyň biridir! Sen özbaşyňa aýratyn bir mertebesiň! Durmuşda saylan ýoldaşyň, söýgüliň hem edil senin ýaly aýratyn bolmaly, aýratyn özbaşdak güýç bolmaly. Iki sany erkin güýçli adam durmuşdan has gowy lezzet alyp biljek adamlar boljagyny ýadyňda sakla! Iki sany ýarty bölegi bir bütin edip birleşdirmek pikirinden özüni halas et!
Aragatnaşyklar biziň kemçilikli ýerlerimizi doldurýan protez däldir, biziň bir bütinligimizi görkezýän söýgüden doly

bileleşikdir! Bile garramak üçin däl, güýç we söýgi bileleşigini döredip, köpelmek üçin aragatnaşyga mätäç biz. Añyñdaky «Ýitirmek gorkusynyñ» ýüze çykmagyny islemeýän bolsañ «Biz bir almanyñ iki ýarysy, sen meniñ beýleki bölegimsiñ» düşünjesinden özüñi halas edip, ýekelikde-de bir bütin bolup biljegiñi ýadyñda saklamalysyñ!
«Biz bir almanyñ iki ýarysy bolma:ly. Iki aýry gül bolaly, birleşip çemen bolaly!»

Hakan Mengüç

«Ýüregiñ tämiz bolsa, heķaýañ gowy tamamlanar!» kitabyndan. Psihologiýa